# Howanyň temperaturasy.

# 1. Howanyň temperaturasy haýsy gural bilen ölçenilýär?

Jogaby:

Termometr bilen.

## 2. Howanyň hakyky temperaturasyny ölçemek üçin, termometri nirde goýulýar?

Jogaby:

Ýer üstünden 2 metr beýiklikde, kölegede ýerleşdirilýär.

# 3. Temperaturanyň gije-gündizlik amplitudasy diýmeklik näme?

Jogaby:

Iň ýokary we iň pes howa temperaturasynyň gije-gündiziň dowamyndaky aratapawudyna temperaturanyň gije-gündizlik amplitudasy diýilýär.

4. Ekwatordan polýuslara gitdigiňçe temperaturanyň gije-gündizlik ortaça amplitudasy nähili bolýar?

Jogaby:

Kiçelýär.

# 5. Gije-gündüziň dowamynda temperaturanyň uly amplitudasy haýsy pasyllarda açyk howada oňat duýulýar?

Jogaby:

Ýaz we tomus.